# Russiýadaky syrly deşik

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Russiýadaky syrly deşik RUSSIÝADAKY SYRLY DEŞIK

Russiýanyñ demirgazygyndaky Ýamal ýarymadasynyñ kosmosdan düşürilen fotosuratlary görenleri haýrana goýdy. Ýarymadanyñ ortasyndaky we göwrümi mümkingadar uly bolan deşik haýran galmazça-da däl.
Ýarymadanyñ jümmüşinde köwerip duran deşigi görenler munuñ jikme-jik öwrenilmegi üçin Russiýanyñ Kosmosy öwreniş institutynyñ işgärlerini çagyrdylar.
Ilkibaşda fotosuratlary analizlän alymlar munuñ nämedendigine kesgitli bir zat aýdyp bilmediler. Deşigiñ çuñlugunyñ 80 metre ýetýändigini aýdan hünärmenler deşigiñ gurşap alýan meýdanynyñ görnüşinden has uludygyny aýtdylar.
Russiýada duş gelýän we alymlary aljyraññylyga salan täsin deşikleriñ sany bolsa gitdigiçe artýar. Ýamalda syrly çukuryñ ýüze çykmasyndan iki hepde geçenden soñra ýene iki deşik orta çykdy. Deşikler boýunça ylmy barlaglary alyp baran rus alymlary deşikleriñ syryny häzirlikçe çözmekden ejiz gelýär.
Ol ýerdäki güwäleriñ görkezmeleri bolsa birnäçe gümürtik ýagdaýlara yşarat edýär. Ilkibaşda deşigiñ ýerleşýän meýdanynyñ dumana gaplanandygy, soñra göz gamaşdyryjy ýagtylyk dörändigi barada aýdylýar. Başga bir güwä bolsa adatdan daşary güýjüñ ýere düşendigini aýdýar.
Ilkinji iki deşik «dünýäniñ soñy» manysyny añladýan Ýamal oblastynda ýerleşýär, üçünji deşik bolsa ýarymadanyñ gündogarynda. Bu deşigiñ iñ täsin ýeri onuñ konus şekilinde görünmegidir. Rus alymlary syrly deşigi has ýakyndan öwrenmek üçin 80 metr çuñluga indiler. Olar deşigiñ düýbünden toplanan delilleri öwrenenden soñ pikirlerini paýlaşmagy göz öñüne tutýarlar.

■ Giñişleýin öwrenmek isleýänler üçin goşmaça maglumat:

http://www.sib-science.info/ru/institutes/yamalskaya-28042019

# Internet maglumatlary esasynda taýýarlandy. Geň-taňsy wakalar